Hytaýda täze ýokary tizlikli magnit yşykly otly synagdan geçirildi diýip, Sinhua agentligi habar berýär. Synaglar ýurduň demirgazygyndaky Şansi welaýatynyň Datong şäherinde geçirildi, bu taslamany Hytaý Kosmos Ylymlary we Senagaty Korporasiýasy (China Aerospace Science and Industry Corporation, CASIC) alyp barýar. Otlyny synagdan geçirmek üçin uzynlygy 2 km bolan turba guruldy, onda atmosfera basyşyndan has pes basyş döredildi.

Synaglaryň dowamynda otly gözegçilikde saklanan nawigasiýany ýerine ýetirdi, Synag netijeli geçdi we berlen egri ugrukdyryjy çyzykda howpsuz durmagy başardy. Geljekde şeýle otlynyň tizligi sagatda 1000 km çenli artdyrylyp bilner – bu bolsa raýat gatnaw uçarlaryndan has çalt boljakdygyna kepil geçýär. Geljekde ýokary tizlikli magistrallar arkaly hytaý megapolislarynyň arasy baglanyşdyrylar we Pekinden Şanhaýa takmynan 1,5 sagadyň içinde baryp bolar, häzirki wagtda bolsa bu ýol 4 sagat çemesi wagt alýar.

Все права защищены